## Çäkli kepillendirme

Daşky batareýalardan we SIM kartlardan başga, bir wagtda Siz üçin göz öňünde tutulan we ýörite Siziň BlackBerry Handheld aýratyn modeliňizden peýdalanmak üçin BlackBerry Handheld bilen baglylykda göz öňünde tutulan BlackBerry Handheld, BlackBerry Cradle, we haýsydyr başga RIM abzallarynyň degişlilikleri (bilelikde BlackBerry abzallaryny düzýärler) (i) işiň hilinde we Siziň asyl ahyrky peýdalanyjy ("Siz") hökmünde täze BlackBerry abzallaryny ilkinji gezek satyn alan seneden bir (1) ýyldan az bolan döwür üçin we (ii) BlackBerry Solution bilen baglylykda Siz bilen Research In Motion Limited we/ýa-da onuň golçur kompaniýalar toparynyň ("RIM") arasynda baglaşylan BlackBerry Solution Ygtyýarnama Ylalaşygyny bozmagyňyzdan soňky döwür üçin ("Kepillik Döwür") üçin materiallarda kemçiliksiz bolar. Şu çäkli kepillendirme geçirilmeýär. Kepillik döwrüň dowamynda bölekler ýa-da zähmet üçin Size töleg geçirmezden, RIM-iň saýlamasyna görä BlackBerry abzallary ýa-da BlackBerry abzallarynyň bir ýa-da şondan köp düzüjileri abatlanylar ýa-da çalşyrylar. Eger BlackBerry abzallary (ýa-da olaryň düzüjisi) Kepillik döwrüň dowamynda abatlanylsa ýa-da çalşyrylsa, Kepillik döwri abatlanandan ýa-da çalşyrylandan soň iň giçkisi 91-nji günde ýa-da ilkinji gezek satyn alnan seneden bir ýyldan soň tamamlanar. RIM bilen RIM Solution Prowaýderiň (aşakda kesgitlenen) arasynda baglaşylan ylalaşyk esasynda şu Kepillik döwri üçin Çäkli kepillendirme ýa RIM, ýa-da RIM Solution Prowaýder tarapyndan beriler. Şu Çäkli kepillendirme BlackBerry abzallarynyň kadaly könelmesi üçin ulanylmaýar ýa-da eger BlackBerry abzallary RIM tarapyndan ygtyýarly edilmedik haýsydyr biri tarapyndan açylan ýa-da abatlanan bolsa we nädogry ulanylyşy, çyglylygy ýa-da suwuklyklar, ýyladylyşa ýakynlaşma ýa-da sezewar etme, heläkçilik, geleňsizlik, gödeklilik, öte geçme sebäpli ýetirilen BlackBerry abzallarynyň haýsydyr çalşyrmalaryny ýa-da RIM-den başga haýsydyr biri tarapyndan edilen abatlamalar ýa-da üýtgetmeler sebäpli kemçilikleri öz içine almaýar. Şu Çäkli kepillendirme BlackBerry abzallarynyň, şol sanda LCD (suwuk kristal) ekranyndaky döwlüp açylan maksatnamalaryň ýa-da iş ýatlarynyň üstüne daşky zeper ýetirmeleri öz içine almaýar. Şu Çäkli kepillendirme onda kesgitlenilişi ýaly, BlackBerry abzallaryndan başga haýsydyr enjam üçin ulanylmaýar – mysal üçin, ol Siziň satyn almagyňyz, kärendä almagyňyz ýa-da almaklygyň başga ýollary bilen göz öňünde tutulan haýsydyr daşky batareýa ýa-da SIM karta üçin ulanylmaz ýa-da daşky batareýanyň, SIM kartanyň ýa-da haýsydyr başga kömekçi ýa-da periferiýa enjamlarynyň ýoýulmagy ýa-da näsazlygy bilen ýetirilen haýsydyr zeper üçin ulanylmaz. Şeýle hem şu Çäkli kepillendirme ulanylmaýar, eger ýörite Siziň BlackBerry Handheld aýratyn modeliňizden peýdalanmak üçin RIM tarapyndan belli bir makullanmadyk ýa-da göz öňünde tutulmadyk degişlilikler, önümler, hyzmatlar ýa-da kömekçi ýa-da periferiýa enjamlar bilen baglylykda BlackBerry abzallarynyň BlackBerry Handheld-iň peýdalanylmagyndan näsazlyk netijeleri bolsa, we RIM tarapyndan şu näsazlygyň BlackBerry abzallarynyň kemçiligi diýip, kesgitlenilse. Goşmaça hökmünde, eger peýdalanyjynyň BlackBerry abzallaryny, BlackBerry iş stolunyň maksatnamalaýyn üpjünçiligini we simsiz maglumatlary geçiriş hyzmatyny we resminamalary ("BlackBerry Solution") öz içine alýan BlackBerry Solution-yň toplumyndaky Howpsuzlyk maglumatlaryndan ugur almak üçin peýdalanyjynyň boýun gaçyrmasyndan näsazlyk netijeleri bolsa, Çäkli kepillendirme hakyky däl diýip, hasap edilip biliner, we eger ol hakyky däl diýip, hasap edilse, ol ulanylmaz. Maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgasy BlackBerry abzallaryndan peýdalanyjynyň jogapkärçiligi astynda diýip, göz öňünde tutular. Ne RIM, ne-de haýsydyr BlackBerry Solution Prowaýderi ("RIM Solution Prowaýderi") islendik wagtda zeper ýetirilip ýa-da ýitirilip bilinjek maglumatlary üçin, şol sanda BlackBerry abzallarynyň hyzmat edýän döwründe ýa-da sinhronizasiýa maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň peýdalanylmagynyň üstünden ýitirilen ýa-da zeper ýetirilen maglumatlary çäklendirmezden, jogapkärçilik çekmez. BlackBerry Solution-yň üçünji tarap prowaýderleriň üstünden göz öňünde tutulan simsiz maglumatlar hyzmatlary bilen baglylykda göz öňünde tutulyşy ýaly, RIM Siziň simsiz maglumatlar hyzmatyňyzyň hemişe elýeter boljakdygyny ýa-da hemişe talaba laýyk işlejekdigini kepillendirip bilmez. Şu we başga sebäpler üçin BlackBerry Solution garaşylmadyk ýagdaý ýa-da jan-saglyk üçin howply ýa-da üznüksiz hereket ýagdaýlary bilen bagly bolan maglumatlaryň geçirilmegi üçin umyt etmez, hem-de Siziň BlackBerry Solution peýdalanmagyňyz üçin elýeter bolan ýa-da ýerine ýetirmek üçin simsiz maglumatlar hyzmaty üçin şular ýaly ynamyň ýa-da boýun gaçyrmanyň netijeleri bolan ýagdaýlar ýa-da zeperler üçin, şol sanda, çäklendirmezden, Siziň BlackBerry Solutiondan peýdalanmaga isleg bildirýän ulgamyňyzda hyzmatlaryň ýetmezçiliginde Siziň efir wagtyndaky hyzmatlaryňyzyň RIM özüniň adyndan, RIM Solution Prowaýderiň adyndan we üçünji tarap prowaýderiň adyndan haýsydyr borçnamalardan boýun gaçyrmaýar. RIM Solution Prowaýderi ýa-da haýsydyr başga tarap tarapyndan göz öňünde tutulan haýsydyr kepillendirmeler üçin jogapkärçilik çekmez.

Şu Çäkli kepillendirmä laýyklykda haýsydyr abatlama ýa-da çalşyrma Siziň tarapyňyzdan RIM Solution Prowaýderden soralyp biliner.

ŞU ÝERDE GÖZ ÖŇÜNDE TUTULYŞY ÝALY BLACKBERRY ABZALLARYNYŇ ÇALŞYRYLMAGY SIZ ÜÇIN GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN AÝRATYN SERIŞDE BOLUP DURÝAR. SIZIŇ ÝURISDIKSIÝAŇYZDAKY ULANYLÝAN HUKUK BOÝUNÇA RUGSAT EDILEN IŇ KÖP ÇÄKLERDE ŞU ÇÄKLI KEPILLENDIRME AŇLADYLAN ÝA-DA GÖZ ÖŇÜNDE TUTULAN ŞU ÝERDE GÖRKEZILEN ÄHLI DÜŞÜNJELERDEN, ZAMUNLYKLARDAN, TASSYKLAMALARDAN, KEPILLENDIRMELERDEN ÝA-DA ISLENDIK GÖRNÜŞDÄKI ŞERTLERDEN BAŞGA ÄHLI BEÝLEKI DÜŞÜNJELERIŇ, ZAMUNLYKLARYŇ, TASSYKLAMALARYŇ, KEPILLENDIRMELERIŇ ÝA-DA ŞERTLERIŇ, ŞOL SANDA ÇÄKLENDIRMEZDEN, ADYŇ, PATENT ARASSALYGYNYŇ HAÝSYDYR DÜŞÜNJELERINIŇ, ZAMUNLYKLARYNYŇ, TASSYKLAMALARYNYŇ, KEPILLENDIRMELERINIŇ ÝA-DA ŞERTLERINIŇ, PEÝDALANMAK ÜÇIN ANYK MEÝIK ÜÇIN ÝARAMLYLYGYŇ, SATUW ÜÇIN ÝARAMLYLYGYŇ, SÖWDA HILINIŇ, KANAGATLANARLY HILINIŇ, DOWAMLYLYGYNYŇ, ÝA-DA KADADAN ÇYKARYLAN IŞEWÜR AMALLARYNY ALYP BARMAGYŇ ADATY TEJRIBESINDEN ÝA-DA SÖWDA ADATLARYNDAN ÝA-DA DÜZGÜNLERINDEN ÝA-DA DÄPLERINDEN GELIP ÇYKÝAN BAŞGALARYŇ ORNUNY TUTÝAR. KÄBIR ÝURISDIKSIÝALAR ŞULAR ÝALY DÜŞÜNJELERIŇ, ZAMUNLYKLARYŇ, TASSYKLAMALARYŇ, KEPILLENDIRMELERIŇ ÝA-DA ŞERTLERIŇ KADADAN ÇYKMAGYNA ÝA-DA ÇÄKLENDIRILMEGINE ÝOL BERIP BILMEÝÄRLER. KANUN ESASYNDA RUGSAT EDILEN DOLY MÖÇBERDE BLACKBERRY ABZALLARYNA DEGIŞLI BOLAN HAÝSYDYR ŞULAR ÝALY DÜŞÜNJELER, ZAMUNLYKLAR, TASSYKLAMALAR, KEPILLENDIRMELER ÝA-DA ŞERTLER KADADAN ÇYKARYLMAÝAN ÇÄKLERDE ŞU ÇÄKLI KEPILLENDIRMEDE GÖRKEZILIŞI ÝALY ÇALŞYRMAK ÜÇIN ÇÄKLENDIRILEN. NE RIM, NE-DE HAÝSYDYR RIM SOLUTION PROWAÝDERI HER NÄME BOLSA-DA, SIZE DEGIŞLI EDILER WE HATDA RIM ÝA-DA RIM SOLUTION PROWAÝDERI ŞULAR ÝALY ZEPERLERIŇ MÜMKINÇILIKLERINI BILSE-DE, SIZ ŞUNUŇ BILEN BLACKBERRY ABZALLARYNYŇ PEÝDALANYLMAGYNDAN ÝA-DA IŞLEÝŞINDEN GELIP ÇYKÝAN ÝA-DA OLAR BILEN BAGLYLYKDA HAÝSYDYR GÖNI DÄL, YKDYSADY, ÝÖRITE, TÄJIRÇILIK, GOŞMAÇA, JERIMELI ÝA-DA GOŞMAÇA ÝITGILERINDEN (ŞOL SANDA, ÇÄKLENDIRMEZDEN, ÝITIRILEN PEÝDA, IŞDEN ALYNÝAN PEÝDANYŇ ÝA-DA DÜŞEWÜNTLERIŇ ÝITGISINDEN, ÝITIRILEN MAGLUMATLARDAN, GARAŞYLÝAN MAÝA TUTUP GALMALARY ALMAKDA GIJIKDIRMELER ÝA-DA ÝERINE ÝETIRMEZLIKLER WE ŞULAR ÝALY HEM ŞAHSY ZYÝANLARDAN ÝA-DA KANUNA GARŞY HEREKETLERIŇ METIJESINDÄKI ÖLÜMDEN ZYÝANLARDAN) BOÝUN GAÇYRÝARSYŇYZ. ŞU ÇÄKLENDIRME ULANMAK ÜÇIN NIÝETLENEN WE RAÝAT KANUNY BOZMA DEGIŞLI BOLAN HAK ISLEGDE ÝA-DA NÄGILELIKDE (ŞOL SANDA GELEŇSIZLIK) ÝA-DA ŞERTNAMA ÝA-DA KEPILLENDIRME ÝA-DA HAÝSYDYR BAŞGA KANUN ÝA-DA HAK ISLEGDE TALAP EDILEN, BILDIRILEN ÝA-DA EDILEN ŞULAR ÝALY ÝITGILERI NAZARDA TUTMAN, ULANYLMAÝAR. HIÇ HILI ÝAGDAÝDA RIM-IŇ SIZE ÝA-DA SIZIŇ ÜSTÜŇIZDEN ÝA-DA SIZIŇ ADYŇYZDAN NÄGILELIGI BILDIRÝÄN HAÝSYDYR ÜÇÜNJI TARAPA BOLAN BORÇNAMASY ÝOKARY SIZIŇ SATYN ALAN BLACKBERRY ABZALLARYŇYZYŇ SATYN ALYŞ BAHASYNDAN ÝA-DA BLACKBERRY ABZALLARYNY ÇALŞYRMAK ÜÇIN NYRHDAN ÝOKARY GEÇMEZ.

RIM-iň haýsydyr ýerine ýetirmezlikden boýun gaçyrmasy şular ýaly ýerine ýetirmezligiň dowam edýän boýun gaçyrmasy ýa-da haýsydyr başga ýerine ýetirmezligiň boýun gaçyrmasy diýip, hasap edilmez.

Şu Çäkli kepillendirme kollizion hukukdan ugur alýan haýsydyr hukuk kadalarynyň jeminden başga Kanadanyň Ontario şäheriniň kanunlaryndan ugur alar we olara laýyklykda düşündiriler. Şu Çäkli kepillendirmäniň taraplary (mundan beýläk bilelikde “Taraplar” we aýratynlykda “Tarap” diýip atlandyrylýar) Birleşen Milletler Guramasynyň Harytlaryň Halkara Söwdasy üçin Şertnamalary baradaky Konwensiýasynyň şunuň bilen dolulygyna Çäkli kepillendirme üçin ulanmakdan aýrylýandygyna ylalaşdylar. Şu Çäkli kepillendirmeden gelip çykýan ýa-da laýyklykda bolan ähli çaprazlyklar we jedeller arbitražda gutarnykly çözüler. Araçynyň çözgüdi Taraplaryň ikisi üçin hem gutarnykly we hökmany bolar (mese-mälim ýalňyş bolan ýagdaýynda saklaň). Araçynyň arbitraž çözgüdi ýazmaça görnüşinde düzüler we onuň esaslary bolar. Araçynyň arbitraž çözgüdinde araçynyň degişli diýip, hasap edip biljek paýlarda Taraplar tarapyndan tölenilmeli arbitražyň harajatlary göz öňünde tutular. Siziň ýurisdiksiýaňyzdaky kanunda gadagan edilenlerden başga arbitraž (i) Kanadanyň Ontario şäherinde geçiriler; (ii) Ontarionyň kanunlaryna laýyklykda alnyp barylar; (iii) iňlis dilinde alnyp barylar; (iv) Halkara söwda palatasynyň arbitraž düzgünlerine (“Düzgünler”) laýyklykda çözüler; we (v) agzalan Düzgünlere laýyklykda bellenen araçy tarapyndan diňleniler we araçynyň bellenen senesinden 30 günüň dowamynda Taraplaryň arasynda haýsy bitarap üçünji tarapyň araçy belleniljekdigi özara ylalaşylar. Taraplaryň arasynda ýa-da Siziň tarapyňyzdan çagyrylan haýsydyr adam bilen hiç hili jedel RIM-iň deslapky hat üsti bilen razylygy bolmazdan, bilelikde birleşdirilmez ýa-da utgaşdyrylmaz.

Eger şu Çäkli kepillendirmäniň şerti hakyky däl ýa-da kazyýet tertibinde ýerine ýetirilmeýän bolsa, şular ýaly hakyky dällik ýa-da kazyýet tertibinde ýerine ýetirilmezlik kanuny güýçden mahrum bolmaz ýa-da tutuş Çäkli kepillendirmäniň kazyýet tertibinde ýerine ýetirilmezligini göz öňünde tutmaz, ýöne tersine, (şunuň netijesinde boljak garşylykly kanagatlandyrmanyň aýrylmagyndan

başga) Çäkli kepillendirme düşündiriler, eger onda aýratyn hakyky däl ýa-da kazyýet tertibinde ýerine ýetirilmeýän şerti ýa-da şertleri bar bolsa, we her Tarapyň hukuklary we borçnamalary degişlilikde düşündiriler we ýerine ýetiriler.

Eger şu Çäkli kepillendirme iňlis dilinden başga dile terjime edilse, iňlis dilindäki görnüş bilen onuň haýsydyr başga dile terjimesiniň arasyndaky manyda çaprazlyklar bolan halatynda iňlis dilindäki görnüş agdyklyk eder.

Eger şu Çäkli kepillendirme bilen BlackBerry abzallarynyň gaplamasyna goşulan haýsydyr kepillendirmäniň arasynda haýsydyr çaprazlyk bolsa, şu Çäkli kepillendirmäniň şertleri şular ýaly çaprazlygyň doly möçberine ulanylar.

© 2011 Research In Motion Limited. Ähli hukuklar goralan. BlackBerry-niň we RIM-iň maşgalalarynyň baglanyşykly kysymlary, şekilleri we nyşanlary Research In Motion Limited-iň aýratyn alamatlary bolup durýar. RIM, Research In Motion, ‘Always On, Always Connected’, “envelope in motion” nyşnalary we BlackBerry logotipi ABŞ-nyň Patent we Söwda nyşan edarasy tarapyndan bellige alnan hem-de beýleki ýurtlarda garalyp ýa-da bellige alnyp biliner. Ähli beýleki kysymlar, önümleriň atlary, kompaniýanyň atlary we hyzmat kysymlary olaryň degişli eýeleriniň alamatlary bolup durýar. Göterilýän we/ýa-da baglanyşykly maksatnamalaýyn üpjünçilik awtorlyk hukugy, halkara ylalaşyklar we dürli patentler, şol sanda ABŞ-nyň şu 6,278,442; 6,271,605; 6,219,694; 6,075,470; 6,073,318; D,445,428; D,433,460; D,416,256 patentleri bilen goralan. Beýleki patentler bütin dünýäde dürli ýurtlarda bellige alnan ýa-da garalýar.